# Redaktor bilen düýşdäki söhbet

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Redaktor bilen düýşdäki söhbet REDAKTORBILEN DÜÝŞDÄKI SÖHBET

Öten agşam gördüm bir üýtgeşik düýş.
Ol düýş köp diňletdi meniň böwrümi.
Meň ýanyma redaktor gelýärmiş,
Diňlemäge düýnki ýazan şygrymy.

Tankyt bolar men tankytdan gorkamok.
Köp zady öwretdi durmuş öwrümi.
Ýöne bilýän goldaw berjek arkam ýok,
Özüm goramaly ýazan şygrymy.

– Şygyrlaň bişmedik, duzy hem kemter.
Ýeri, şahyr, meň aýdýanlam dogrymy?
– Gyzgynjagy bilen halkyma ýetir,
Gowuryp bereýin ýürek-bagrymy.

– Setirleň tagamsyz, sözleriň gurak.
Juda ýeňil gelýär olaň agramy.
– Tagam duýmak üçin çeýnemek gerek,
Tagapyl et biraz sakla sabryňy.

– Göwniçökgün goşgulaň bar, eý, şahyr,
Wasp edeňok öz ýaşaýan döwrüňi.
– Menden başga wasp edýänler köp ahyr,
Men ýazaýyn bu durmuşyň jebrini.

– Kä setirleň hiç maňzyma batanok,
Gorkaňokmy, diňläňokmy böwrüňi.
– Hakykaty ýazdym mende günä ýok,
Gorkar ýaly, men ganhormy, ogrymy?

– Maýasyz goşgylar, hamyry gowşak,

Bildirip dur, ýetirilmändir ýugrumy.
– Halka dadyraly, özleri çözsün,
Seniňki dogrumy, meňki dogrumy.

Ynjalygym gaçdy bu düýşi görüp.
Çilim otlap men daş çykdym ir säher.
Howa ýerne ajy tüssäni sorup,
Ýeri şahyr, kime edýärsiň gahar.

Düýşüňdäki adam aýdypdyr dogry,
Garna maza bermez bişmedik nahar.
Adamlaň kalbynyň galkynýan döwri,
Guşlar saýraşýarlar, gelipdir bahar.

Giň köçeler, seýilgähler, gezmeli,
Göwnüňi göterýär ak mermer şäher.
Ine,şular hakda goşgy ýazmaly,
Oýan sen, oýan sen, oýan sen, şahyr.

Azat NURGELDIÝEW. Goşgular